# UDI-ler emeli aňyň buýrugy bilen operatorlaryny öldürip bilýär

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
UDI-ler emeli aňyň buýrugy bilen operatorlaryny öldürip bilýär
UÇARMANSYZ DOLANDYRYLÝAN ISTREBITELLER EMELI AŇYŇ BUÝRUGY BILEN GARŞYŇA GIDIP, OPERATORLARYNY ÖLDÜRIP BILÝÄR




*Şeýle waka ABŞ-nyň Howa Güýçleriniň ýokary düzümli ofiseri polkownik Taker Gamiltonyň birnäçe gün öň Londonda geçirilen konferensiýada istrebitele täze görkezme berjek bolan pursatynda bolup geçdi.*
*Emeli aňyň harby ugurda ulanylmagy ahlak we gymmatlyklar çarçuwasynyň haýdan-haý jedelleşilmegine duýulýan zerurlygy barha artdyrýar. / Fotosurat: AFP*
Ylmy-fantastiki kyssanyň bir bölegi ýa-da «Terminator» kinofilmler tapgyryndan bir epizod ýaly bolup görünen hadysada uçarmansyz dolandyrylýan istrebitel (UDI) emeli aň ulanýan programmasyny duşman obýektleri ýok etmegiň öňüni almak üçin işleýän operatorlaryny ýok etdi.
UDI-niň öz operatorlaryny öldürme hadysasy birnäçe gün Londonda geçirilen we Günbatar ýurtlarynyň Howa Güýçleri boýunça ýokary düzümli ygtyýarlylary bilen ösen harby howa senagaty kompaniýalarynyň wekilleriniňem gatnaşan konferensiýasynda ABŞ-nyň Howa Güýçleriniň ýokary düzümli

ofiseri polkownik Taker Gamiltonyñ UDI-ne täze görkezme berjek bolan pursatynda bolup geçdi.
Hadysa Londonda geçirilen Korollygyñ Harby uçarmanlar jemgyýeti (Royal Aeronautical Society) konferensiýasyna gatnaşanlary metbugat beýanatyny bermäge mejbur etdi. Beýanatda emeli aňy kämilleşdirmek boýunça işleýän 350-den gowrak adam bu mesele babatda öňünden duýdurdy. «Times» gazetiniñ anna günündäki sanynda beren habarynda aýdylyşyna görä berlen beýanatda şeýle sözler bar:
Emeli añ ulanylýandygyndan gelip çykýan ýok etme howplaryny azaltmak, köpçülikleýin ýokanç keseller ýa-da ýadro ýaragy ýaly bir bitewilikde adamzada howp abandyrýan problemalarda bolşy ýaly global derwaýyslyk bolmalydyr.




- **Amerikan synagy**

Konferensiýada çykyş eden polkownik Taker Gamilton UDI-niñ öz operatorlaryny öldürmezlik üçin programmirlenenden soñam özüne berlen tabşyrygy üýtgetmäge synanyşan pursatynda ýaragyny

elektronik buýruk berýän gözegçilik nokadyna gönükdirip, oturanlary ýok edendigini aýtdy.
Elbetde bu, ABŞ-nyñ Harby Howa Güýçleriniñ tälim beriş synagy hökmünde dolandyrýan simulýasion synagynda bolup geçdi, emma hakyky durmuşda-da bolup geçmegi ahmal.
Gamiltonyñ pikiriçe bu ýagdaý emeli añyñ «maksadyna ýetmek üçin hiç hili garaşylmaýan strategiýalary» işläp düzme ukybyna eýedigini, aýratynam oña bil baglap-ynanyp bolmajakdygyny görkezýär. ABŞ-ly ofiser emeli añyñ harby ugurda ulanylmagy üçin ahlak we gymmatlyklar çarçuwasynyñ wagt ýitirmezden ara alnyp maslahatlaşylmagyny talap edýär.
Gamilton şu hepde «Uçarmanlyk we kosmos industriýalarynyñ ertirki ukyplary» atly konferensiýada çykyş etdi.
ABŞ-nyñ Harby Howa Güýçleriniñ synag we okuw-türgenleşik işleri boýunça söweşjeñ piloty Gamilton «F-16 Robot uçary» programmasy ýaly awtomatiki uçuş ulgamlarynyñ üstünde işleýär.
Ol çykyşynda UDI-niñ duşmanyñ zenit-dolandyryş raketalaryny ýok etmek üçin uçurylan simulýasiýa synagy wagtynda «günäkär» ýagdaýda hereket edendigini aýtdy.




- **Simulýasiýa**

Gamilton sözlerini şeýle dowam etdirdi:
Synagy UDI-niñ raketa howpuny anyklap, nyşana urmagy üçin simulýasiýa sistemasynda alyp barýardyk. UDI-niñ operatory howpy ýok etmek üçin buýruk berýär. UDI obýekti duşman howp hökmünde anyklap, sistemanyñ programmasyndaky kesgitlemäni oñlandan soñ UDI-niñ operatory howpy ýok etmekden saklanmak üçin görkezme beräýende-de, howpy ýok etmelidigine ymykly ynanan UDI-niñ programmasy yzyna dolanyp gelip, öz operatoryny öldürip biler.
Korollygyñ Harby uçarmanlar jemgyýetiniñ internet saýtynda polkownik Taker Gamiltonyñ Londonda emeli añy kämilleşdirmek boýunça hünärmenleriñ, Günbatar ýurtlarynyñ ýokary düzümli harby-howa güýçleriniñ ofiserleriniñ we harby-howa senagaty kompaniýalaryñ wekilleriniñ gatnaşmagynda geçirilen

konferensiýada eden çykyşyny sözme-söz köpçülige ýetirdi. Onda Gamiltonyñ aýdan şeýle sözleri bar:
UDI okuw-türgenleşik wagtynda operatorlaryny öldürmezligi munuñ bir ýalñyşlykdygy we operatorlaryny öldüren ýagdaýynda pes utuk aljakdygy boýunça kodlanypdy. Emma UDI operatorynyñ özi bilen aragatnaşygy ýola goýmak we duşman obýekti ýok egmeginiñ öñüni almak üçin ulanylýan aragatnaşyk nokadyny ýok etmäge başlady. Gulagymyza ylmy-fantastiki hekaýa ýaly bolup eşidilýän bu fakt emeli añ ulanylyşynyñ ahlak taraplaryny ara alyp maslahatlaşmazdan emeli añ, akylly enjamlar ýa-da informasiýa prosesi we añ hakynda haýsydyr bir jedeliñ bolmajakdygyny añladýar.
Bu ýerde ylmy oýlap tapyşlaryñ birnäçesiniñ käbiri meşhur kinofilmlerde suratlandyrylan ylmy-fantastiki hekaýalarynda ýazyjylaryñ çeper fantaziýasy hökmünde başlandygyny ýada salalyñ.
Kino industriýasy soñky ýyllarda robotlaryñ ýa-da awtomatiki «adamyñ» adamzady özüne boýun egdirmegi ýaly çeper temalara esaslanýan köp sanly kinofilmleri surata düşürdi.

Ahmet MUSTAFA,
žurnalist.

Ýekşenbe, 04.06.2023 ý.

# Independent Arabia. Ylym we tehnologiýa